# Terslin-oňlyn teýeneler

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Terslin-oňlyn teýeneler

TERSLIN-OŇLYN TEÝENELER

It-itdir-dä,
ýalbarma,
Tä gelýänçä mugyra,
Daňyp goý-da, ýal berme!

* * *

Bilip goý bu ýolda şunam:
Dana diňe özün kösär,
Akmak kösär ýoldaşynam.

* * *

Diýerdi ol: "Entek-entek
Bermen size hezil men.
Bar depämde saýawanym,
Şonuň üçin
ýagşyň däl-de,
Galsamam men ezilmen".

* * *

Bardyr onuň gatnaşýany birgiden,
Geler-gider,
ol neressä ynjalyk
Bermez olar, tä dynýança bergiden.

* * *

Bolmak üçin şu edaraň başlygy,
Berenmişin ýokardaka elli müň.
Diýýärler şonda-da: "Bagty geldi muň!".

Atajan ANNABERDIÝEW.

Sözler